**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**DÖWLETMÄMMET AZADY ADYNDAKY**
**TÜRKMEN MILLI DÜNÝÄ DILLERI INSTITUTY**

**«TASSYKLAÝARYN»**
**Döwletmämmet Azady adyndaky**
**Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň**
**rektory ________ M.Çaryýew**
**________ 2024 ý.**

**Aşgabat şäheriniň umumybilim berýän orta mekdepleriniň okuwçylarynyň arasynda hytaý dili dersi boýunça II Internet Olimpiadasyny guramak we geçirmek hakynda**
**DÜZGÜNNAMA**

## 1. Umumy düzgünler

1.1.Şu Düzgünnama Aşgabat şäheriniň umumybilim berýän orta mekdepleriniň okuwçylarynyň arasynda HSK3 ( Hytaý dili başlangyç dereje ) derejede hytaý dili boýunça II Internet Olimpiadasyny (mundan beýläk – Olimpiada) guramagyň we geçirmegiň kadalaşdyryjy resminamasy bolup, ony geçirmegiň tertibini kesgitleýär;

1.2.Olimpiada Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň goldamagy bilen Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty tarapyndan guralýar;

1.3.Guramaçylyk, usulyýet we tehniki goldawy utgaşdyrmak Olimpiadany guraýjy tarapyndan alnyp barylýar;

## 2. Olimpiadanyň maksady

2.1.Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky 519 belgili Karary bilen tassyklanan “Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyny” we 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda kabul edilen “Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyny” durmuşa ornaşdyrmagyň Meýilnamasyny ýerine ýetirmek;

2.2.Daşary ýurt dillerini suwara bilýän zehinli mekdep okuwçylaryny ýüze çykarmak;

2.3.Ýokary okuw mekdepleri bilen umumybilim berýän orta mekdepleriň arasynda hyzmatdaşlygy ösdürmek.

## 3. Olimpiadanyň wezipesi

3.1.Aşgabat şäheriniň umumybilim berýän orta mekdepleriniň okuwçylarynyň hytaý dili boýunça bilim derejesini barlamak;

3.2.Aşgabat şäheriniň umumybilim berýän orta mekdepleriniň okuwçylarynyň arasynda Sanly bilim portaly arkaly daşary ýurt dilleriniň öwredilişini kämilleşdirmek boýunça hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmek;

3.3.Daşary ýurt dillerini kämil bilýän zehinli ýaşlary ýüze çykarmak we olaryň ukyplaryny açyp görkezmek.

## 4. Guramaçylyk topary

4.1.Guramaçylyk toparynyň düzümine toparyň başlygy, kätibi we agzalary girýär;

4.2.Guramaçylyk topary Olimpiadanyň geçiriliş tertibini, wagtyny, gatnaşyjylaryň we ýeňijileriň sanawyny kesgitleýär;

4.3.Aşgabat şäheriniň umumybilim berýän orta mekdeplerinden bellenen jogapkär mugallymlar bilen Olimpiadany guramaçylykly geçirmek babatynda aragatnaşyk saklaýar;

## 5. Olimpiadany guramagyň we geçirmegiň tertibi

5.1.Olimpiada Aşgabat şäheriniň umumybilim berýän orta mekdepleriniň okuwçylarynyň arasynda geçirilýär;

5.2.Olimpiada umumybilim berýän orta mekdeplerinden gatnaşjak okuwçylaryň sany çäklendirilmeýär;

5.3.Olimpiada mekdepleriň HSK3 derejeli ähli okuwçylary gatnaşyp biler;

5.4.Olimpiada diňe bellige alnan okuwçylar gatnaşyp biler;

5.5.Olimpiada gatnaşjak okuwçylar Düzgünnamada görkezilen gatnaşyjynyň hasaba alnyş maglumatyny (1-nji goşundy) doly we dogry doldurmaly we 2024-nji ýylyň noýabr aýynyň 11-ine çenli Olimpiadanyň guramaçylyk toparynyň elektron salgysyna ***tmddichinaolympiad@gmail.com*** ugratmaly;

5.6.Gatnaşyjynyň hasaba alnandygy barada maglumat we hasaba alnan belgisi 24 sagadyň dowamynda her bir gatnaşyjynyň elektron salgysyna ugradylar;

5.7.Olimpiada 2 tapgyrda geçiriler;

5.8. I tapgyr internet arkaly hytaý dilinde düzme ýazmak görnüşinde 2024-nji ýylyň noýabr aýynyň 18-ine aşakdaky tertipde geçiriler:

– Düzmäniň temasy 2024-nji ýylyň noýabr aýynyň 18-ine sagat 10:00-da Olimpiadanyň guramaçylyk topary tarapyndan her bir gatnaşyjynyň elektron salgysyna ugradylar;

– Her bir gatnaşyjy berlen tema boýunça hytaý dilinde düzme ýazmaly;

– Düzme bu işde edilýän talaplara (2-nji goşundy) doly laýyk gelmeli;

– Düzme ýazmak we ony guramaçylyk toparynyň garamagyna ugratmak üçin gatnaşyja 5 sagat (15:00 çenli) wagt berilýär;

– Berlen wagtdan (18.11.2024; 15:00) giç ugradylan işler guramaçylyk topary tarapyndan kabul edilmeýär;

– Olimpiadanyň I tapgyrynyň netijeleri we II tapgyra geçen okuwçylar barada maglumat 2024-nji ýylyň noýabr aýynyň 19-na guramaçylyk topary tarapyndan institutyň resmi web sahypasynda goýlar;

– Olimpiadanyň II tapgyry 2024-nji ýylyň noýabr aýynyň 20-sine Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň binasynda aşakdaky tertipde geçiriler:

– I tapgyrda iň ýokary netije görkezen 25 okuwçy Olimpiadanyň II tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazanýar;

– II tapgyr 2024-nji ýylyň noýabr aýynyň 20-sine sagat 10:00-da institutyň sanly bilim portalynda hytaý dilinde test görnüşinde geçiriler;

– Test hytaý dilinde 50 sany sowalnamadan ybarat bolup, onuň ýerine ýetirilmegine 50 minut wagt beriler;

– Gatnaşyjy testi özbaşdak ýerine ýetirmeli;

– Her bir gatnaşyja testi geçmek üçin diňe bir mümkinçilik berilýär;

– Testi geçmek bilen gazanylan baha awtomatik usulda hasaplanylýar;

### 6. Bäsleşigiň ýeňijilerini kesgitlemegiň we sylaglamagyň tertibi

6.1.Ýeňijileriň orunlary kompýuterde berlen wagt tamamlanandan soň, okuwçylaryň görkezijileri boýunça kesgitleniler;

6.2.Ýeňijiler we olary taýýarlan jogapkär mugallymlar Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň Hormat hatlary bilen sylaglanar;

**Habarlaşmak üçin:** tmddichinaolympiad@gmail.com

**Gülnar Nurymowa** +99371621856

**Gözel Rejepowa** +99361116454

**1-nji goşundy**

**Aşgabat şäheriniň umumybilim berýän orta mekdepleriniň okuwçylarynyň arasynda hytaý dili dersi boýunça II Internet Olimpiada Gatnaşyjynyň hasaba alnyş maglumaty**

| | |
|---|---|
| Okuwçynyň familiýasy, ady we atasynyň ady | |
| Doglan güni, aýy, ýyly | |
| Bilim alýan orta mekdebi we synpy | |
| Mekdebiň salgysy we telefon belgisi | |
| Okuwçyny bäsleşige taýýarlan mugallymyň familiýasy, ady we atasynyň ady | |
| Işleýän ýeri we wezipesi | |
| Okuwçynyň telefon belgisi | |
| Mugallymyň telefon belgisi | |
| Elektron poçtasynyň salgysy | |

**Bellik:** Gatnaşyjynyň hasaba alnyş maglumaty 11.11.2024ý. senede sagat 18:00-a çenli kabul edilýär, maglumat **tmddichinaolympiad@gmail.com** elektron salga ugradylmaly.

**2-nji goşundy**

**Aşgabat şäheriniň umumybilim berýän orta okuw mekdepleriniň okuwçylarynyň arasynda hytaý dili dersi boýunça II Internet Olimpiada I tapgyrda hytaý dilinde ýazylýan düzmeden edilýän talaplar**

1. Olimpiadanyň temasy 2024-nji ýylyň noýabr aýynyň 18-ine sagat 10:00-da Olimpiadanyň guramaçylyk topary tarapyndan her bir gatnaşyjynyň elektron salgysyna ugradylar;
2. Her bir gatnaşyjy berlen tema boýunça hytaý dilinde düzme ýazmaly;
3. Düzme her bir gatnaşyjy tarapyndan özbaşdak ýazylmaly;
4. Düzme öň hiç ýerde çap edilmedik we hiç ýerden göçürilmedik bolmaly; başga awtorlaryň işlerinden ulanylan bolsa, salgylanmalar bilen bellenilmeli;
5. Düzmäniň söz sany 200 iýeroglifden köp bolmaly däl (düzmäniň ady söz sanyna girmeýär);
6. Düzme Times New Roman şriftde, 14 pt ölçegde ýazylmaly, sahypanyň inine deňleşdirilmeli we .doc .docx görnüşde ýatda saklanylmaly;
7. Faýlyň ady gatnaşyjynyň hasaba alnyş belgisi we familiýasy (Meselem:1001_Amanow) görnüşinde ýatda saklanylmaly;
8. Düzme ýazmak we ony guramaçylyk toparynyň garamagyna ugratmak üçin gatnaşyja 5 sagat wagt berilýär;
9. Düzme 2024-nji ýylyň noýabr aýynyň 18-ine sagat 15:00-a çenli tmddichinaolympiad@gmail.com elektron salga ugradylmaly;
10. Görkezilen wagtdan gijä galan ýa-da berlen şertlere laýyk gelmeýän işler bäsleşige goýberilmeýär;